**1. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Tebigaty goramagyň halkara bileleşiginiň (IUCN) arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama.**

**Gol çekilen senesi: 2023-nji ýylyň 22-nji awgusty.**

**Umumy maglumat:**

Tebigaty goramagyň halkara bileleşigi 1948-nji ýylda esaslandyrylan halkara gurama bolup, ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Glan şäherinde ýerleşýär.

Dünýäniň 50 sany döwletinde wekilhanasy bolup, oňa 1400-den gowurak gurama agzasy bolup durýar.

**Esasy maksady:**

Taraplaryň arasynda tebigaty goramagyň dürli ugurlary boýunça hyzmatdaşlyk etmek hem-de bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek.

**Esasy ugurlary:**

1. Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerlerinde ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamak we ylmy taýdan öwrenmek üçin tehniki ýardamy bermek;
2. Ýabany tebigata ylmy taýdan gözegçilik etmek üçin meýdan enjamlary bilen üpjün etmek hem-de goraghanalaryň goragçylarynyň we ylmy işgärleriniň mümkinçiligini ýokarlandyrmak, okuwlary geçirmek.
3. Milli we halkara derejede Türkmenistanyň tebigaty goramak babatdaky işlerde abraýyny ýokarlandyrmaga ýardam etmek;

**Hereket ediş möhleti:** 5 ýyl hereket edýär.